Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 4. Atlaryň düşüm bilen üýtgeýişleri

**105-nji gönükme.** Okaň we düşümleri hem-de olaryň soraglaryny öwreniň.

| **Düşümleriň atlary.** | **Düşümleriň soraglary.** |
|---|---|
| Baş düşüm. | Kim?, näme?, nire? |
| Eýelik düşüm. | Kimiň?, nämäniň?, niräniň? |
| Ýöneliş düşüm. | Kime?, näma?, nirä? |
| Ýeniş düşüm. | Kimi?, nämäni?, niräni? |
| Wagt-orun düşüm. | Kimde?, nämede?, nirede? |
| Çykyş düşüm. | Kimden?, nämeden?, nireden? |

*   *   *

**106-nji gönükme** Düşümleri we olar bilen üýtgedilen atlary göçüriň. Her bir adyň haýsy düşümde nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Baş düşüm** | **Gözel,** | **depder,** | **Arçman** |
| **Eýelik düşüm.** | **Gözeliň,** | **depderiň,** | **Arçmanyň** |
| **Ýöneliş düşüm** | **Gözele,** | **depdere,** | **Arçmana** |
| **Ýeniş düşüm.** | **Gözeli,** | **depderi,** | **Arçmanny** |
| **Wagt-orun düşüm.** | **Gözelde,** | **depderde,** | **Arçmanda.** |
| **Çykyş düşüm** | **Gözelden,** | **depderden** | **Arçmandan** |

Türkmen dilinde näçe düşüm bardygyny aýdyp beriň.

***depder***

*   *   *

Türkmenkultur.com

**107-nji gönükme** Nokatlaryň ýerine degişli atlary düşürň bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. Baş düşüm. | Oraz, | öý, | Tejen. |
| 2. Eýelik düşüm. | ... | ... | ... |
| 3. Ýöneliş düşüm. | ... | ... | ... |
| 4. Ýeniş düşüm. | ... | ... | ... |
| 5. Wagt-orun düşüm. | ... | ... | ... |
| 6. Çykyş düşüm. | ... | ... | ... |

* * *

**108-nji gönükme** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine düşümleriň adyny ýazyň. Her bir düşüm bilen üýtgän atlaryň goşulmasyny aýdyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. ... | Çagyl, | guş. | Mary. |
| 2. ... | Çaglyň, | Guşuň, | Marynyň |
| 3. ... | Çagla, | guşa, | Mara. |
| 4. ... | Çagly, | guşy. | Maryny. |
| 5. ... | Çagylda, | guşda, | Maryda. |
| 6. ... | Çagyldan, | guşdan, | Marydan, |

* * *

**109-nji gönükme** Sözlemleri okaň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy soraglara jogap bolýandygyny, olaryň haýsy düşümdedigini aýdyň.

**1. Aman** meniň dostum. **Amanyň** kakasy işçi. Ol **Amana** ussaçylygy öwredýär. Men düýn **Amany** ussahanada gördüm. **Amanda oňat** ussaçylyk gurallary bar. Biz **Amandan** gämi, uçar ýasamagy öwrendik.

**2. Men depdere** hat ýazdym. Seniň arassa **depderiň** barmy? Men bu **depderi** dükandan aldym.

Oraz **şähere** gitdi. Ol **şäherde** teatra barar. Oraz **şäherden** ertir geler.

Turkmenkultur.com

*şäherden, dükanda, gurallary* diýen sözleri morfologik taýdan derňäň.

* * *

**110-nji gönükme** Aşakdaky düşüm bilen üýtgän atlary okaň. Bularyň haýsy düşümdedigini , düşüm goşulmasyny we soraglaryny aýdyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Bäşim, | serçe, | geçi, | Baýramaly. |
| 2.Bäşimiň, | serçäniň, | geçiniň, | Baýramalynyň. |
| 3.Bäşime, | serçä, | geçä, | Baýramala. |
| 4.Bäşimi, | serçäni, | geçini, | Baýramalyny. |
| 5. Bäşimde, | serçede, | geçide, | Baýramalyda, |
| 6. Bäşimden, | serçeden, | geçiden, | Baýramalydan. |

* * *

**111-nji gönükme** Sözlemleri okaň we göçüriň. *Kelem* sözünüň aşagyny çyzyň. Onuň nähili soraglara jogap bolýandygyny, haýsy düşümdedigini , düşüm goşulmasyny aýdyň.



**Kelem**

Mellegimizde kelem ekýäris. Biz her ýyl kelemiň bol hasylyny alýarys. Ol adam üçin örän peýdalydyr. Üwelen eti keleme dolap bişirmek bolar. Kelemi duza ýatyrmak hem bolar. Kelemde saglyk üçin peýdaly zatlar köpdür. Kelemden dürli naharlar taýýarlamak mümkin.

* * *

**112-nji gönükme.** Okaň we has gara ýazylan sözleri saýlap göçüriň.

Watan, **ene—ata,** perzent ynsan **ömrüniň** başlangyjydyr.

Her bir ynsan bütin **ömründe enesiniň — atasynyň** pendini tutmalydyr. **Ene—ata** hormat goýmalydyr. **Enäni—atany** ynjytmak gabahatçylykdyr.

Çaga öz **enesinde—atasynda** bar bolan ýagşy gylyk- häsiýetlere eýermelidir. **Eneden—atadan** alan öwüt nesihatyň seniň üçin mukaddesdir.

***Ýumuş:*** Göçüren atlaryňyzyň haýsy düşümde üýtgändigini aýdyp beriň.

* * *

**113-nji gönükme.** *Cemce, kitap, dary, çekiç, jorap* sözleriňjj düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Nusga:

***Baş düşüm* - kitap,**

***Eýelik düşüm* - kitabyň,**

***Ýöneliş düşüm* - kitaba,**

***Ýeňis düşüm* - kitaby,**

***Wagt-orun düşüm* - kitapda,**

***Çykyş düşüm* - kitapdan.**

Turkmenkultur.com